OZBEK FILOLOGIÝASY FAKUL`TETI

FILOLOGIÝA KAFEDRASY

Turkmen filologiýasy bölüminiň 2-kurs talyby
Gylyçbaewa Sapartäç

# REFERAT IŞI

Mowzuk: **DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ «WAGZY-AZAT» ESERINDE DIDAKTIKA**

NÖKÜS - 2013

**Mowzuk.** DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ «WAGZY-AZAT» ESERINDE DIDAKTIKA

Meýilnama

Giriş

1. **«Wagzy-azat» eseriniň ideýa-mazmuny we onda öňe sürülýän meseleler**

2. DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ «WAGZY-AZAT» ESERINin xazirki wagtdaky ahmiyeti

Netije.

Peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy.

Giris

Türkmen diliniň we edebiýatynyň esasyny goýaży beýik Magtymgulyny ösdürip etişdiren Döwletmämmet Azady (1700-1760) XVIII asyrda ýaşap geçen xem bolsa, döredizilik täsiri taýyndan bütin edi ýüz müň ýyla XVIII-XXI asyr edebiýatymyzda düýpli orun aldy. Bu ägirt zexin edebiýata şaxsyet bolup geldi. Onuň eserleri ýyl geçdigiçe täze öwüşgin alýar, döwür, döwran, żemgyet çalyşdygyça barxa kyn, gyzykly meseleleri orta çykarýar Ylym şaxyryň döredizilig bilen ençeme ýyllap gyzyklanyp gelse-de, xeniz ekeże mesele-de öz doly çözgüdini tapanok. Dogry xäzirki güne çenli Döwletmämmet Azady xakynda edebiýaty öwreniş ylmynda şaxyryň edebi mirasyny toplamakda, neşir etmekde, onuň ömür ýoluny xem döredizilig ini öwrenmekde ep-esli işler bitirildi. Ýöne öňde edilmeli işler xeniz az däl. Xeniz şaxyryň poetikasy xem stili tarplygyna ýatyr. Dogry Döwletmämmet Azadynyň şaxyrana ussatlygynyň käbir meseleleri barada monografik işler xem ownuk-irili makalalar xem ýazyldy. Emma şol işlerde şaxyryň poetikasynyň xem stiliniň aýry-aýry taraplary barada pikir ýöredildi. Şol işleriň köpüsinde saýlanyp alynan meselä degişli faktlary sanamak xäsietli bolup, çuň umumlaşdyryży netiżeler çykarylmady. Käbir işlerde bolsa, diňe şaxyryň öz döredizilik ussatlygynyň kemala gelmeginde uly rol` oýnan çeperçilik çeşmelerden daşda duruldy. Şaxyryň poetiki sistemasyny öwrenmäge berk printsipler bilen çemeleşmäge az üns berildi.

Dogry bu zatlaryň şeýle bolmagyna şol geçen döwürleriň durmuş syýasaty-da sebäp bolup geldi. Sebäbi, Döwletmämmet Azady ýaly kämil şaxslaryň döredizilig ini öwrenmek meselesinde az-kem çäklenmeklik bardy. Ol xem bolsa, nämemiş Döwletmämmet Azadynyň döredizilig i din bilen baglanyşykly bolýarmyş. Eýse xalkymyzyň geçmiş progressiw ruxy gymmatlyklaryny döredizilikli öwrenmek nesilleriň mukaddes borży dälmidi? Nesilleriň öz ýaşaýan żemgyeti üçin demokratik xäsietli ruxy medenieti döredip, geleżekki nesiller üçin nusga bolarlyk ruxy miras galdyryp bilmegi üçin ilkinżi zerurlykdygy xemmämize aýan. Şonuň üçin Prezidentimiz I. A. Karimow xem özüniň sözünde bu pikirleri ýygy-ýygydan gaýtalaýar. Ýagny, ol; «Geçmişdäki alymlaryň bibaxa mirasy näçeden-näçe nesillerimiziň ruxuny we turmuş ýagdaýyny kämilleşdirendigi mälim. Ol xäzirki günde-de täsirini ýitirenok»[1] diýip belleýär. Beýik alymlarymyz

[1] «Ҳаёт ва конун», 1998-й, N 12, 28 сах

tarapyndan öňe sürülen progressiw ideýalar şol döwürler üçin näçagly äxmietli bolsa olar xäzirki günde-de gadyr-gymmatyny we xununy ýitirenok.

Referat işimiziň öňüne goýan maksat we wezipesi-de şaxyr Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eserinde öwüt-nesixat temasynyň işlenişi, olary beýan etmekde şaxyryň ulanan çeper usullaryny açyp bermekden ybarat. Onuň üçin biz aşakdaky ýaly wezipeleri erine etirmekligi öňümize maksat edip goýduk we oňa amal etdik:

- Döwletmämmet Azadynyň ömiri we dörediżiligini giňişleýin öwrenmek:

- Şaxyryň dörediżiliginiň özboluşlylyk aýratynlygyny bilmek:

- Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eserinde perzendiň kyryk borży we paryzlaryny aýdyňlaşdyrmak:

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eserinde axlak terbiesiniň ösdürlişini aýdyňlaşdyrmak:

- Şaxyryň öwüt-nesixat temasyny işlemekde poetik serişdelerden giňişleýin peýdalanandygyny aýdyňlaşdyrmak.

- Eserde didaktik xäsieti beýan etmekde çeper sýażet we obrazlaryň äxmieti ýaly meseleleri aýdyňlaşdyrmak.

Döwletmämmet Azadynyň dörediżiligini, aýratyn xem onuň «Wagzy-azat» eserini xäzirki wagtda öwrenilmeli ważyp meseleleriň biridir. Xäzirki wagtda şaxyryň goşgularyny okyżylar köpçüligine etirmekde uly işler alnyp barylýar. Mundan başga-da Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda-da köp sanly ylmy işler, monografiýalar we makalalar ýazyldy. Emma muňa garamazdan alnyp barylan we geleżekde dowam etdirilżek işler onuň ömir we dörediżilik ýoluny giňişleýin öwrenmäge, döreden we dörediżilik ýoluny giňişleýin öwrenmäge, döreden we bize ýadygärlik goýap giden eserleriniň gymmatyny, çeperçiligini, terbieçilik äxmietini ýüze çykarmaga özboluşly goşant goşar.

**«Wagzy-azat» eseriniň ideýa-mazmuny we onda öňe sürülýän meseleler**

XVIII asyr türkmen edebiýaty Döwletmämmet Azadynyň döredižiligi bilen başlanýar. Şonuň üçinem Döwletmämmet Azady türkmen şaxyry we akyldary xökmünde dünýä edebýatynyň taryxy saxypasyna girdi. Döwletmämmet Azady 1700-1760-nžy ýyllaryň arasynda ýaşap geçipdir. Onuň biografiýasyny doly beýan edýän ýazgy ýa taryxy material elimizde ýok. Şeýle-de bolsa, Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda atasy barada azda-kände maglumatlar berýär. Mundan başga-da käbir fol`klor we edebi materiallarda Azada degişli rowaýatlar, ýatlamalar bar. Ýöne xalkyň dilinden alnan rowaýatlara mydama taryxy maglumat xökmünde garamak mümkin däl, çünki olaryň xakykatdan daşlaşýan wagtlary xem bolýar. Şeýle-de bolsa, xalk arasyndaky ýatlamalar, esli derežede şaxyryň durmuşyny dogry öwrenmäge mümkinçilik berýär. Dogrusyny aýtsak Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eseri bolsun, «Bexiştnama» eseri bolsun äxlisini-de dini eserler diýlip, şu wagta çenli garalanyp gelindi. Aslynda bolsa, bu eserlerde dini mazmunyň bolanlygyna seretmezden onuň ideýa älemi, adamzat, xalk bäxbidinden aralan. Ine şol sebäpli bu eseri ýörite barlag ob`ektine almaklygyň özi bize kän zadyň düşünžesini berýär.

Azadynyň döredižiliginiň merkezinde onuň «Wagzy-azat» poemasy durýar. «Wagzy-azat» kitaby mynažat bilen başlanyp, xudaýa bolan söýgi bildirilýär we ondan rexim şepagat dileýär. Şaxyryň ulanan bu usuly Gündogar edebiýatynda ozaldan dowam edip gelýän däpdir. Ýasup Balasagunyň «Kutadgu-biliginde», Nyzamynyň, Sagdynyň, Nowaýynyň poemalarynyň başynda bu däp yzygiderli dowam etdirilipdir.

Azadynyň ömri döredižiligi barada köp edebiýatçylar şu güne çenli gyzyklanyp geldiler. Olaryň birnäçe ylmy makalalarydyr, kitaplary okyžy köpçüligine etirildi.

Döwletmämmet Azady «Wagzy-azat» eserini 1753-1754-nži ýyllarda (xižri ýyly bilen 1167-nži ýylda) ýazypdyr. Ol alty müňe golaý setirden ybarat. Bu eser goşgy bilen ýazylypdyr. «Wagzy-azadyň» dili özünden soň ýazylan eserleriň dilinden xas agyrdyr. Döwletmämmet Azady öz eserlerin kitap we medrese dilin-de ýazypdyr. Azady «Wagzy-azat» kitabyny dört baba bölüpdir. Şaxyr onda dur-muşda dört san bilen baglanşykly bolan we bolýan zatlary agzaýar: Muxammet pygamberiň çaryýarlary (dörtleri) bolupdyr,

żandarlaryň dört aýagy bar, öý dört ganatdan, żaý dört diwaldan ybarat.[1] Umuman, Gündogaryň gadym filo-sofiýasy dünýäniň gurluşyny dört elementden—toprakdan, suwdan, xowadan, otdan ybarat diýip düşündirýär. Döwletmämmet Azadynyň xem äxli dünýägaraýşyny beýan edýän «Wagzy-azat» kitabyny dört baba bölmegi şunuň bilen baglanşykly bolsa gerek. Eger awtoryň xäsietlendirişine görä, şeýle bölünýän: 1-bap–patyşalar barada: II- bap- baýlaryň garyp-biçärelere xaýyr, kömek etmelidigi barada; III-bap-alymlar xakynda; IV-derwüşler dogrusynda.

Azady eserini dört baba bölse-de, ondaky öňe sürülýän meseleler bu bölünişden xas daşa çykýar. Kitapda XVIII asyrdaky türkmen xalkynyň durmuşyny gowulandyrmak barada şaxyryň köpçülige xödürlän pikirleri beýan edilýär. Şonuň üçin eserdäki öňe sürülen ideýalar, problemalar yzygider yzarlansa gowy bolar.

Žemgyetçilik ýagdaý adamlaryň xäsietlerini kesgitleýär. Adamyň xäsietiniň oňaýly we oňaýsyz bolmagy xem durmuşyň täsirine bagly, çünki Adam dogabitdi ýaman ýa-da oňat bolmaýar. Daşky sreda bilen xäsiet mydama gatnaşykda bolýar, ikisi biri-birini taşlap gitmeýär. Ýagdaýyň üýtgemegi adamyň düşünżesiniň üýtgemegine getirýär. Tire gelen atyży mydama onluk nomeri urmaga żan edýär. Onluk atyżynyň maksimal nyşanasy. Ýazyży, şaxyr üçin bolsa onluk-adam xäsieti. Çeper edebiýatyň predmeti-adam, onuň xäsietleri, daşky sreda bilen gatnaşygy, içki duýgulary we ş. m.

Şeýlelikde, şaxyr adam xäsietlerini öwrenmegi maksat edinýär. «Žemgyetçilik gatnaşyklarynyň xemmesini özünde birleşdirýän» adam durmuşdaky äxli zatlar bilen iş salyşýar. Onuň xäsieti, düşünżesi durmuşyň xertaraplaýyn aragatnaşygynda ýüze çykýar. Ynsanyň adamkärçilikli taraplary onuň oňat axlak-terbiýäni alandygyny görkezýär.

[1] Түркмен эдебиятының тарыхы. Ашгабат, «Ылым», 1975, 42 сах.

**DÖWLETMÄMMET AZADYNYŇ «WAGZY-AZAT» ESERINin xazirki wagtdaky ahmiyeti**

Xalkyň ykbalyna gyzyklanan şaxyrda gumanizmiň asylly nusgalary bolmaly. Şeýle adam ynsanyetiň ażaýyp gylyk-xäsietlerini özünde żemlemeli we olary köpçülige ýaýratmaly. Ine, şu pikir Döwletmämmet Azadynyň dörediżilik derýasynyň bir goly bolup aýrylýar. Ol özbaşyna bir giden-pedagogiki akymy emele getirýär. Emma xalka tälim-terbie berżek adamyň ilki özi adamkärçilik babatdan tanalmaly. Xalk arasynda sylaga, abraýa mynasyp bolmaly.

«Görogly» eposyndaky akyldar-atşynas we ukyply terbieçi Žygalbeg muňa aýdyň mysal bolup biler. Žygalbeg özünde adamkärçilikli xäsietleri żemländen soň, xalkyň içinde paýxasly, uly durmuş teżribeli diýlip tanalandan soň, ýalňyz agtygy Göroglyny terbieleýär. Ol Göroglyny terbielemek bilen äxli ýaş kiçilere tälim berýär, xalk onuň akylly öwütlerine gulak salýar.

Köp dessanlar we dürli ylmy kitaplar okan Azady üýtgeşiksiz şu ýörelgeden gidipdir:

Köňlüň içre aw bolan fikr eýmegil
Fark edip, ýagşy – ýamany söýlegil.[1]

Xalky göreldeli terbie almaga çagyryp, «Wagzy-azadyň» birnäçe saxypalaryny bu meselä bagyşlap Döwletmämmet ýokarky mesnewini özüniň xemrasy xasaplapdyr. Xadysalara paýxasly garamak, durmuşyň çylşyrymly meselelerini akylly çözmek ýaly işleri ömür boýy görüp gelen bu adamyň görnükli pedagog xökmünde çykyş etmäge xaky bar. Çünki ol Magtymguly deýin şaxyry ösdürip etişdirdi.

Axlak żemgyetde özüňi alyp baryş normasy ony pozany wyżdan näletleýär. Žemgyetde özüňi alyp barmagy başarmasaň, seni aňly, düşünżeli Adam diýip tanamaýarlar. Şonuň üçin Döwletmämmet Azady birk-birege dostlukly gatnaşmaklygy, kalby päkligi adamzadyň içki dünýäsiniň gözelligi xasaplap şeýle ýazýar:

Žümle-maxlukga açyk tutgul ýüzüň,
Gör tiliňden gelse, tiýgil xoş sözüň.

---

[1]Дөвлетмәммет Азады. Сайланан эсерлер, 60 сах.

«Adamyň güler ýüzi bolsun» diýip, xalkymyzyň nakyly bar. Çünki Xytaýlylarda aýdylyşy ýaly «Ýagşy  söz dürden gymmatdyr».

Gör ýaman bolursa söz, ýamgyl dodak,
Ýagşy söz bolsa, diýseň ony  ýagşyrak.

Öz zamanynyň mugyt eklençden gözi gyzaryp,  zulumkärlik edýän dik-melerini xem Azady adalata çagyrypdyr. Şaxyr adamyň göwnüne degilmezligi, onuň pes tutulmazlygyny ündeýär:

Bu köňülniň pişesi xer kime deger,
Durmaý onuň üstige lagnat ýagar.

Azady öz pikirini dini delillendirmeler arkaly xalkyň aňyna etirmek isleýär. Bu erde, bir tarapdan, ol il-güni terbie ýoluna çekmek islese, ikinżi tarapdan onuň adam barada öz xususy pikirini ýüze çykarýar. Çünki Azady adamy diniň mukaddes zadyndan belent tutýar. Sebäbi, Käbe adamyň ýanynda xiç zat. Ol diňe adamyň xyzmatyndaky dini öý:

Kalba weýran etmeden müň mertebe,
Bu köňül ýykmak ýamandyr, eý dede.

Bu köňlüň şişesin xer Kim döger,
Durmaý anyň üstige lagnat ýagar.

«Xer kişi Kim äxli şerg görse rowa,
Tut anny Kim bilmegin renżi ana»[1]

Aşakdaky mesnewide Döwletmämmet, bir kişi adamkärçilige gelişmeżek iş edäýse, onuň żylawyndan tut diýýär.

Ýaş çaganyň duýgusyny ene-atadan başga xiç kim terbielemeýär. Çaga ilki ene-ata minnetdar bolmaly. Azadynyň parasatly pedagogdygy şu erde duşýar. Ol zürýadyň öňünde ene-atany terbielemegiň kyrk şertini goýýar. Olary on-ondan dört bölege bölüp, xer bölümiň nämeler arkaly erine etirmelidigini ýazýar:

1). On sany ten bilen, ýagny fiziki zäxmeti arkaly erine etirmeli iş, xyzmat:

[1] Түркменистаның милли Голязмалар институты. Инв. №848 II-депдер, 58 сах.

Tiňle imdi, tendäki aky anyň,
Bir xyzmat, bir xormatdur, biliň.

Birisi fermanyny tutmakdyr ol,
Biri näxýinden ýyrak bolmakdyr ol.

Biri razy bolmasa, kylma safar,
Xer tarapdan gelse, biri karşu bar.

Bol şärik, edinżi, gör, gitse ýola,
Çagursa, sekizinżi, tiz gele.

Tokuzynży, onunży, moxmatyn anyň,
Kylmaýyn tä xaýry-taksyr bit görüň.[1]

2) On sanysy dil bilen, ýagny edep terbie arkaly:

Bir owazyndan öz owazyny
Bar, belent kylmaý, götergil näzini.

Birisi köstaxy bar söz tiýmegil,
Birisi adyn tutup çagyrmagyl…

Ýüzüne karşu anyň tükürme,
Gülmek ile ýanynda fyrkyrmyýa. we ş. m.

3) On sanysy köňül bilen wyżdan, axlak arkaly edilmeli xyzmatlar: mäxribanlyk, şatlyk we gynanç bildirmeklik.

---

[1] Азады, Сайланан эсерлер, 81 сах.

4) On sanysy mal bilen, ýagny garrylary zäxmetiň bilen ekmeklik:

Biri budur-ol atanyň örtüsin,
Ýagşy etgeý özüniň örtüsinden.
Xem tagamyny tagamyndan ene,
Ýagşyrak etgeý muny, diňlese.

Döwletmämmet şular ýaly asylly tälim-terbiýäni ilki bilen, öz çagalary-na berendir diýip aýtmak mümkin, çünki ol aladaly ata Magtymguly deýin «Raxmet arygyny akdyran ogly» ösdürdi. «Wagzy-azadyny» okap, onuň xäzir xem epigramma edinäýmeli setirlerine täsin galýarys. Ine, şeýle atadan tälim alan ogul-Magtymgulyda xem bu pikir bar:

Sözümni diňlese bir bilen belki,
Myradym nesixat etmekdir xalka.
(Magtymguly)

diýip ýazýar. Sebäbi Azadynyň pikirini, tälimini dowam eden Magtymguly öňürti özüni terbieleýär. Azadynyň aýdyşy ýaly ol xem:

Owal özüň yxlasyňny düzlegil,
Xer köşeden nyýaz okun gizlegil.
Bildigiňçe mydam dogry sözlegil,
Ýagşy söz tapmasaň, otur, sem bolup!

diýýär.

Ine, bu pikirler owal Azadynyň öz ogly Magtymgula terbie berip etişendigini aňladýan alamatlardyr.

Sebäbi Azady:

«Ynżytsa ogul-gyz ene-atasyn,
Toba kylmaý taňrym geçmez xatasyn»

diýip perzentde axlak terbiesiniň güýçli bolmalydygyny berk nygtaýar.

Şeýlelikde Azady «Kümüş gyzylyň könesi bolmaz, ata-enäniň baxasy» dien nakyl esasynda perzentleriň ata-enelerine mäxriban bolmaklaryny nesixat edýär. Şaxyryň pikiriçe, xer bir adam gaýyn ata, gaýyn enä, ussada, goňşa, dogan-gardaşa reximli bolmaly, olar bilen oňat aragatnaşyk etmeli. Adam-adama xyýanat etmeli däl, eliňden gelse, xalka kömek bermeli, ýamşak göwünli bolmaly… dien oňat duýgulary ösdürmäge çalyşýar. Maxlasy

Azady bu bapda barly adamlaryň kömegi bilen ýarduň ykdysadyetini aýaga galdyrmak isläpdir.

Kitabyň üçünżi babynda ylym we alymlar barasynda mesele gozgalýar. Ylym we oňa bolan garaýyşlar Döwletmämmediň döredižiliginiň iň gymmatly bölegidir. Şaxyryň «Wagzy-azadynyň» üçünżi bölüminiň tutuşlygyna ylma we alymlara bagyşlanyp bilýän adam bu akylddaryň özüne laýyk bilim zapasynyň bardygyny göz etirýär. Emma, şaxyryň taryplan ylmy we alymy öz zamanyna laýykdyr. Ol magaryfyň äxmietini şeýle belleýär:

Xabar tutsa kişi kim magryfetden,
Tapar dürri magany xer żäxitden.

Ylymnyň nefgy budur eý äxli–dil,
Ýagny xalky xak ýola salmakdyr ol.

Azady patyşalary xem alyma ýüzlenmäge çagyrýar.

Patyşalaryň yzy ol bolur,
Ylym eesige zyýaratga ilur.

Adamlaryň ünüsini ylma çekmek üçin ony dünýäniň iň gözel zatlaryna deňeýär. Ylymly adama, ol çyra bolar: Öz ylmy barlaryň işi bisäxet gün ýola çykanyňky ýaly bolar diýip Azady ýönekeý düşündirýär:

Saxyby gündiz isedür ylmy-gün,
Açyk eýlär görmäge batyn gözüm,

Eesi bolmasa beden, oldur ýürek,
Xana bolsa eesi, oldur direk.

Gerçe ylmy bolsa at, ýyldyz bolar,
Ylym eesi kanda gitgänin biler.

Döwletmämmet ylmy taryp etmek bilen çäklenmän, ony ele salmagy maslaxat berýär:

Bes ony tapmak gerek pikir eýlär,
Tapdyň erse, xyzmat et şükür eýläp.

Ylmy bolup, öz ylmyna amal etmeýän we ony xalka bermän, özüni xalkdan daşda saklaýan alymlara xem:

Misli binýat etmiş ol gülzar xoş,
Miwesige eýlemiş köp perweriş.

Indi özi iýmedi ol miwesini,
Iýmekge xem xalka bermedi any.

—diýip, öz malyndan öz iýmeýän we xalka xem bermän çüýredip goýberýän, baxyl, gysganç, xalka peýdasyz ýaman adamlara meňzedýär. Ol xili alymlaryň köpçülik arasynda özüne abraý gazanyp bilmeżegini we sözüniň xiç xili täsir etmeżegini:

Misli xardyr—oňa ýüklenmiş kitap,
Isteseň budur saňa, aýdan żogap.

—dien sözler bilen örän gelşikli mysal getirýär.

Azadynyň pikirine görä, ylymly adamda dört sypat bolmaly.

1. Alym tekepbir bolmaly däl.
2. Göwnünde kine saklamaly däl.
3. Ylym bilen mal gazanmaly däl.
4. Äxli bilýänini xalka öwretmeli.

Şaxyryň «Wagzy-azat» eseriniň axyrky bölümi (IV bap) derwüşler, gedaýlar, garyplar, pukara dien ýaly oňar-oňmazlar eżiz gatlaklara bagyşlanyp-dyr. Şaxyr bu bölümiň başlarynda derwüşler xakynda mesele gozgap, olary xem gedaýlaryň, garyp-gasarlaryň xataryna goşýar. Olaryň sypatlary, wezipeleri we borçlary barada gürrüň gozgaýar. Şaxyryň pikiriçe, derwüşler «xak» diýip, dem almaly, xemişe xudaýyň waspyny edip gezmeli, dünýäniň baýlygyna, onuň dürli gözelliklerine kowalaşmaly däl, köne-küşül eşik bilen mydar etmeli, xer bir meselede sabyrly bolmaly. Ine awtor şular ýaly taraplary berżaý eden derwüşleri «öwlüýä» xasap edýär xem-de olar xormata mynasyp adamlardyr dien netiżä gelýär.

Mälim bolşy ýaly, geçmişde musulman äleminde dürli sufistik akymlar xem-de dürli derwüşçilik ordenleri dowam edipdir. Şolaryň Orta Aziýada belli bolanlaryndan Xoża Axmet Ýasawynyň (XII asyr), Xoża Baxawetdiniň (1318-1389) «Nakyşbendi» atlandyrlan

sufizmi, Xoža bekdaş tarapyndan esaslandyrylan «Bekdaşy» dien derwüşçilik ordeni we başgalar köp şaxyrlaryň döredižiligine täsir edipdir. Biziň pikirmizçe Xoža Axmet Ýasawynyň sufistik akymynyň Döwletmämmede täsiriniň xasda güýçli bolandygy äxtimaldyr.

Bu babyň ikinži bölüminde pakyr-pukaralar xakyndaky meselä geçýär. Bu erde şaxyr özüniň bar güýžüni, äxli tagallasyny türkmen obalarynda içki xem daşky duşmanlar tarapyndan tozdurylan garyp-gasarlaryň gözgyny ýagdaýyna uly gynanç bildirýär. Eserde beýan edilişine görä, şaxyryň pakyr atlandyran obrazlary özleriň daşky görnüşleri boýança xor, eşikleri sal-sal bolsalar-da, içki sypatlary boýança olara xakyky ynsan xökmünde garalýar. Şonuň üçin şaxyr xer bir žäxitden garyplara xormat edilmeginiň, äxli çäreler arkaly olary goldamagyň tarapynda durýar. Xorlanýan topardlaryň kömek etmek maksady bilen şaxyr barly adamlara ýüzlenýär. Xer bir ynsanyň garyp-gasarlara xormat bilen olaryň xezzetlenip, süýži söz, güler ýüz bilen kabul edilmegini talap edýär.

Anlara xer kim towazyg eýlese,
Lutf edip ýa bir şirin söz söýlese.

Xak berer anlarga ulug mertebe,
Etgirer anlarny aly mansaba.

Döwletmämmet Azady ezýänler we ezilýänler dien synpy bölünşigi aç-açan goýmasa-da, barlylaryň gazanç çeşmeleriniň, äxli baýlyklarynyň garyp-laryň xasabynadygyna düşünýär:

Gep pakyrlar bolmaýsady dün`ede,
Bes xeläk bolgaýdy baýlar, eý dede!

Şular ýaly oňaýly pikirlerini dini düşünželer bilen düşündirýär. Ine, bu ýagdaý Azadyda dini mistiki garaýyşlaryň güýçlidigini görkezýär. Ol öz gaxrymanlaryna garap: «Siz pakyrlygyň gadryny biliň, dünýä malyna gyzyklanmaň, daşky görnüşiňizi düzetmek ugrunda çalyşmaň, diňe xudaýa gulluk edip geziberiň, şu xili etseňiz, o dünýäde myradyňyza etersiňiz»… dien sufistik öwüt-ündew arkaly olary köşeşdirmek isleýär. Aslynda sufizmiň-de esasy maksady ynsan diňe päklenip, xak tagalla etmek dien ideýada ýaşaýar. Şonuň üçin Azady xem bu ylymdan berk guşagyny guşanlygy üçin şeýle pikirleri

öňe sürýär. Ine, Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eserinde didaktik xäsieti beýan etmekde, xas dogrusy ynsanda axlak terbiesini ösdürmekde ýokardaky ýaly pikir-ideýalary öňe sürýär.

## Netiże

Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eserinde didaktiki pikirleriň ösdürlişi babatda öz xususy garaýyşlarymyz boýança şu aşakdaky anyk netiżelere gelmegi dogry xasaplaýarys:

1. Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eseriniň dili çylşyrymly, agyr, düşnüksiz bolupdyr. Belki Azady durmuşda beýle geplemän, sada düşnükli türkmen edebi dilinde gepländir. Özem şygyryň gazal formasyny saýlap alyp, «Wagzy-azat» eserini meseleler boýança ýazypdyr.

2. Azadyda mesele bar, emma adam, gaxryman, xäsiet ýok. Ol duýgusyny şa xakda gürrüň edende, ol rowaýata xem-de taryxy tymsallara köp salgylanýar. Şonuň üçin «Wagzy-azat»da Samanyýler, gaznawylar xakda köp gürrüň edilýär. Galyberse-de «Wagzy-azat»da ekeże gezek xem xaýsydyr bir türkmen tire-taýpasynyň ady anyk tutulman, umumy pikir ýöredilýär.

3.«Wagzy-azat» eserinde birek-birege kömek bermek, ene-atany sylamak, ene-atanyň öňünde perzendiň kyrk borży xem-de derwüşler barada pikir ýöredilip, ony döwrüniň talabyna laýyk ulanmalydygyny şaxyr belleýär.

5. «Wagzy-azat» eseriniň dili agyr bolsa-da, onuň çeperçiligini artdyryp duran, eserde öwüt-nesixat ideýalaryny şöxlelendirmekde esasy poetik serişdeler, xalk döredižiliginiň żanrlary xem-de sýażet obrazlarynyň giňden ulanmagy bolup xasaplanýar.

**Peýdalanylan edebiýatlar**


1.Karimow I. A. Tariýxiý xotirasiz kelażak ýÿk. «Muloкot» żurnali, 1998, N5

2. Karimow I. A. Ýangiça fikrlaş wa işlaş-dawr talabi. 5 t. Toşkent, «Ÿzbekiston», 1997

3. Azady D. Wagzy-azat. Aşgabat, 1987

4. Azady D Saýlanan eserler. Aşgabat, 1985

5. Annamuxammedow M. Magtymguly, gizlin syryň bar içde…. Aşgabat, 1997.

6. Annanepesow M. Magtymguly we onuň zamanasy. Aşgabat, 1990

7. Baýmyradow A. Rowaýatlarda taryxy şaxslar. Aşgabat, 1992.

8. .Bakasowa R. X. Azady we onuň «Wagzy-azat» kitaby. Aşgabat, 1980 («Edebiýat institutlarynyň işleri» atly kitapda)

9. Begżanow A. Gömlen akabalar, göçülen ýartlar….. Aşgabat, 1992.

10. Gurbangylyżow T, Mämedow Ž. Akyl çeşmesi. Aşgabat, 1995.

11. Garryew B. A. Döwletmämmet Azady. / YA-nyň xabarlary. Žemgyetçilik ylymlarynyň seriýasy/. Aşgabat, 1979, N 2, 3-4

12. Magtymguly. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1993.

13. Magtymguly. Şygyrlar. Aşgabat, t-1-2. 1992.

14. Meredow A, Axally S. Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi. Aşgabat, 1988.

15.. Musulman rowaýatlary. Aşgabat, 1991.

16. Myradow S. Edebi çekişmeler. Aşgabat, 1971

17. Mämbetow K. Şygys ädebiýaty tariýxy. Nökis, 1993.